# Gökdepäm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gökdepäm GÖKDEPÄM




Ilerimiz Akmaýa deý Eregim,
Gaýramyzda guba çägäm Garagum,
Arasynda iki didäm-garagym,
Eziz galam, dogduk depäm – Gökdepäm!
Diňlidepä çykyp, garasaň daşyň,
Sessiz agy gurşap alar seň daşyň.
Geçmişiň ýatlamda aýlanýar başym,
Eziz galam, dogduk depäm – Gökdepäm.

Göbek ganym daman, eý Ata Ýerim!
Men senden aýrylyp, nirä giderin?!
Ýatyr sende müňläp şehit pederim,
Eziz galam, dogduk depäm – Gökdepäm!

Gökdepe mukamy – ne ajap mukam,
Gönübegiň hak myrady dälmikän.
Ahalyň göbegi – gadymy mekan,
Eziz galam, dogduk depäm – Gökdepäm!

Ar-namysy ýatyr sende türkmeniň,

Orazmämmet, Dykma, Nurberdi hanyň.
Gurbanmyrat işan – dinim-imanym,
Eziz galam, dogduk depäm – Gökdepäm!

Göbek ganym daman, eý Ata Ýerim!
Men senden aýrylyp, nirä giderin?!
Ýatyr sende müňläp şehit pederim,
Eziz galam, dogduk depäm – Gökdepäm!

Ilmyrat PUDAKOW. Goşgular